# Türkmenistanyň Bitaraplygy — parahatçylygyň we durnukly ösüşiň binýady

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda güneşli Diýarymyz tutuş dünýäde parahatçylygyň we asudalygyň, agzybirligiň hem-de jebisligiň höküm sürýän, demokratik özgertmeleriň üstünlikli amala aşyrylýan ýurdy hökmünde giňden tanalýar.

Ata Watanymyzyň ykdysadyýetde, syýasatda hem-de ynsanperwer ulgamlarda çalt depginler bilen ösýän kuwwatly döwlet hökmünde ykrar edilmegi belent abraý-mertebäniň, gazanylýan köptaraply üstünlikleriň kepilidir.

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Diýarymyzyň döwlet syýasatynyň hem-de durmuş-ykdysady ösüşleriň ählisiniň özenini düzýän «Döwlet adam üçindir!», «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen ajaýyp ýörelgelere berk eýermek bilen gazanylýan üstünlikleriň netijesinde merdana, zähmetsöýer, agzybir halkymyz abadan, eşretli durmuşyň hözirini görýär. Güneşli ýurdumyz dürli halkara maslahatlaryň, forumlaryň sammitleriň yzygiderli geçirilýän mekanydyr. Şeýle hem, golaýda  paýtagtymyzdaky Söwda-senagat edarasynda “Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly: durnukly ösüşi üpjün etmekde sebitara ykdysady hyzmatdaşlygyň orny” atly halkara maslahat geçirildi.

Ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygyna beslenýän Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda geçirilýän bu maslahata türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň gatnaşmagy onuň ähmiýetini has-da artdyrdy.

Häzirki döwürde dünýäniň dürli böleklerinde sebit we sebitara gatnaşyklar berkeýär, täze ykdysady birleşikler döredilýär. Geografiýa taýdan serişdelere esaslanýan, döwrebap tehnologiýalardan, ekologik standartlardan, netijeli çözgütlerden döredilen uly ykdysady ösüşiň döwri geldi. Häzirki şertlerde netijeli özara täsir etmek, halkara institutlaryň we maliýe guramalarynyň işjeň gatnaşmagyny şol sanda ählumumy çemeleşmäni talap edýär. Bu nukdaýnazardan Türkmenistan adalatly geoykdysadyýet konsepsiýasyny yzygiderli öňe sürýär, üpjünçilik ulgamlaryny ösdürýär we energetika we ulag pudaklarynda iri taslamalary durmuşa geçirýär.

Şeýle çemeleşmelere Merkezi we Günorta Aziýanyň arasyndaky ykdysady hyzmatdaşlyk mysal bolup biler. Bu işde sebitleri birleşdirmäge gönükdirilen energetika, ulag, we infrastruktura taslamalary möhüm orny eýeleýär.

Häzirki wagtda Türkmenistan dünýäniň syýasy giňişliginde güýçli depginler bilen ösýän, ykdysady taýdan kuwwatly, syýasy taýdan durnukly we asuda, sebit we halkara gatnaşyklaryna işjeň gatnaşýan ýurt hökmünde tanalmak bilen beýleki ýurtlar babatda

Все права защищены

hoşniýetli, ynsanperwer syýasat alyp barýar, tebigy hadysalardan, ýer yranmasyndan, suw joşgunyndan ejir çeken ýurtlara ynsanperwer kömek iberýär.

Goý, parahatçylygyň mekany bolan eziz ýurdumyzyň dünýä ýüzündäki at-abraýy mundan beýläk hem belende galsyn! Parahatçylyk, ynanyşmak ýaly asylly ýörelgeleri bütin dünýäde giňden dabaralandyrmak ugrunda uly tagallalary amala aşyrýan türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli beýik işleri elmydama rowaçlyklara beslensin!

**Sonagözel NURGELDIÝEWA**
**Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň Akuşerçilik we ginekologiýa kafedrasynyň assistenti**

Все права защищены